**Taýýarlygyň ugry:** 5.37.03.02 Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (oba hojalygynda)

**Dereje:** bakalawr

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (oba hojalygynda) taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawrlaryň wezipelerini hem-de olaryň taýýarlyk ugruna bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy bakalawrlary taýýarlamaklygyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanyljak bakalawrlaryň sanyny anyklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň taýýarlygynyň ugruna laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Bakalawryň wezipesi

Bakalawr oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (oba hojalygynda) taýýarlyk ugry boýunça taýýarlanylýan bakalawr hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: oba hojalyk kärhanalarynda ykdysady görkezijileriň kadaly möçberini kesgitlemegi; önümiň özüne düşýän gymmatyny hasaplamaga, kärhananyň girdejisini we çykdajylaryny kesgitlemäge; maýa goýum taslamalaryny tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrmaga, maýa goýum obýektlerini saýlamaga we netijeliligine baha bermäge; oba hojalyk kärhanalarynyň tölege ukyplylygyny we maliýe durnuklylygyny kesgitlemäge; maliýe netijeliligini bahalandyrmaga we düşewüntlilik görkezijilerini ýokarlandyrmaga; telekeçilik meýilnamalaryny işläp düzmäge; kärhanalarda önümçilik işlerini guramaga; senenama-meýilnamasyny hasaplamaga, operatiw-önümçilik meýilnamasyny düzmäge, önümçilik prosesine gözegçiligi guramaga; kärhananyň daşary ykdysady işjeňligini, onuň daşary söwda şertnamalaryny hasaba almaga, töwekgelçiliklerini kesgitlemäge we daşary ykdysady işjeňliginiň netijeliligini meýilnamalaşdyrmaga; ýerine ýetiriji işgärler toparynyň önümçiligini guramaga we olary dolandyrmaga; oba hojalyk kärhanalarynda serişdeler bilen bölümleri üpjün etmäge; oba hojalyk kärhanalarynyň tölege ukyplylygyny we işjeňlik ýagdaýyny analiz etmäge; kärhananyň işiniň netijelerini we daşky gurşawyny seljermäge; kärhananyň we onuň bölümleriniň uzak möhletleýin hem-de hereket edýän meýilnamalaryny işläp düzmäge; oba hojalyk kärhanalarynda ulanylmaýan mümkinçilikleri ýüze

çykarmaga we ony ulanmaklygyň aýratynlyklaryny kesgitlemäge; kärhananyň daşarky we içerki gurşawyny, onuň önümlerine sarp edijiniň islegini emele getirýän esasy faktorlaryň dinamikasyny, önümçilik guramasynyň ylmy esaslaryny we zähmetiň ulanylyşyna barlag işlerini geçirmäge; häzirki zaman kompýuter tehnologiýalaryny ulanmak bilen hereket edýän kanunçylyk namalara laýyklykda ykdysady işleriň analitiki we sintetiki hasaba alnyşyny guramaga; kärhananyň aralyk we ýyllyk hasabatlaryny taýýarlamaga; kärhananyň esasy ykdysady görkezijileriniň dinamikasyna täsir edýän faktorlaryň analizini geçirmäge; kärhananyň içerki we daşarky gözegçilik çäginde telekeçilik guramalarynyň maliýe we ykdysady işlerini barlamak üçin esasy gözegçilik çärelerini geçirmäge.

Bakalawr oba hojalyk toplumyna degişli bolan ministrliklerde, pudaklarda, daşary ýurt kompaniýalarynyň bilelikdäki birleşmelerinde, daýhan birleşiklerde, daýhan hojalyklarda, oba hojalyk önümlerini saklaýan we gaýtadan işleýän kärhanalarda, kiçi kärhanalarda, “Daýhanbank” DTB-da we onuň şahamçalarynda, ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen beýleki wezipeleri eýeläp biler.

## Bakalawra bildirilýän umumy talaplar

Bakalawr ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Bakalawr köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazardan guramagy başarmalydyr.

Bakalawr ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Bakalawr şu aşakdakylary bilmelidir:

- guramaçylyk-dolandyryş işlerini;
- hasaba alyş we seljeriş işlerini;
- gözegçilik-barlag, audit işlerini;
- önümçilik we hojalyk işlerini;

- innowasiýa işlerini;
- maslahat bermek işini;
- maliýe we karz işlerini.

**Bakalawr şu aşakdakylary başarmalydyr:**

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermesini geçirmegi;
- derňew endiklerine eýe bolmagy;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;
- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;
- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamly okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- ylmy esasda zähmeti guramagy, işe özbaşdak baha bermegi;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- topar bolup işlemegi;
- önümçiligi guramagy we dolandyrmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- ykdysady ösüş kanunlaryny hünär işinde ulanmagy;
- hünär işiniň dowamynda ýüze çykýan meseleleriň ykdysady manysyny kesgitlemegi we olary çözmek üçin degişli maliýe we seljeriş gurallaryny ulanmagy;
- zähmeti goramak we durmuş howpsuzlygynyň usullaryny ulanmagy;
- beýleki hünärmenleri bilen aragatnaşyk saklamagy;

- gepleşikler, işewür hat alyşmalar, beýleki gyzyklanýan taraplar bilen, şol sanda daşary ýurt dilinde şertnamalary düzmegi;
- agrosenagat toplumynyň kärhanalarynda önümçiligi guramagy;
- kärhananyň guramaçylyk we dolandyryş gurluşlaryna, bölümlerine degişli düzgünnamalary we işgärleriň wezipe-borçlaryny işläp düzmegi;
- pudagyň kärhanalarynda zähmeti guramagy we zähmet kadalaryny hasaplamagy;
- meýilnama kadalaryny hasaplamaga, önümçilik meýilnamasyny düzmegi, önümçiligiň alnyp barlyşynyň gözegçiligini amala aşyrmagy;
- maddy we zähmet harajatlary üçin meýilnamalaýyn tehniki-ykdysady kadalaryny işläp düzmegi;
- kärhananyň buhgalterçilik hasabatyny seljermegi we auditi guramagyň nazary esaslaryna we ýörelgelerine eýe bolmagy;
- hasaba almagyň, hasabaty seljermegiň we gözegçilik meselelerinde kanunçylyk we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulanmagy;
- hasap resminamalaryny doldurmak we gaýtadan işlemek, kompýuter tehnologiýalaryny ulanmak bilen hasap ýazgylaryny, analitiki maglumatlary modelirlemek başarnyklaryna eýe bolmagy;
- hasabatda kärhananyň we onuň bölümleriniň mukdar we hil görkezijilerini häsiýetlendirýän analitiki-hasap we statistika materiallary emele getirmegi we ulgamlaşdyrmagy;
- hojalyk işiniň analiziniň nazary esaslaryna, onuň usullaryna, usulyýetine we işjeňligine eýe bolmagy;
- önümçilik-hojalyk işleriň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ätiýaçlyklary ulanmagy;
- meýilnamalaşdyrylan maksatlary we çäreleri ýerine ýetirmek üçin ykdysady analizi geçirmegi;
- işewür kärhanalaryň ykdysady işlerine çylşyrymly we maliýe seljermesiniň usullaryny iş ýüzünde ulanmagy;
- önümçilik-ykdysady ýagdaýlary göz öňünde tutup, kärhananyň we onuň bölümleriniň meýilnamalaryna degişli düzedişleri girizmek üçin teklipleri taýýarlamagy;
- kärhananyň maliýe we ykdysady işlerini seljermegi;
- kärhananyň önümçiligini we ykdysady mümkinçiliklerini anyklamagy;
- kärhananyň ösüş mümkinçiliklerini kesgitlemegi;
- býujeti seljermegi;
- kazyýet-buhgalterçilik barlagynyň geçiriliş tertibini we guramaçylyk usulyýetini ulanmagy;
- maliýe-hojalyk işleriniň gözegçilik-barlag we guramaçylyk usulyýetini ulanmagy;

- iş ýüzünde resminamalaýyn gözegçiligiň usulyýetini we netijelerini durmuşa geçirmegi hem-de gözegçilik düzgünlerini ýerine ýetirmegi;
- buhgalterçilik hasabatlaryny düzmegiň we tassyklamagyň düzgünlerini hem-de usullaryny tejribede ulanmagy;
- maglumatlary kompýuterde gaýtadan işlemek nukdaýnazaryndan onuň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin tejribe usullaryndan peýdalanmagy;
- kärhananyň önümçilik-hojalyk işleriniň esaslaryny guramagyň usullaryna eýe bolmagy;
- resminamalary bellenilen görnüşlere laýyklykda tabşyrmaga we ylalaşmaga taýýarlamagy;
- önümçiligiň dowamynda gurallar, materiallar bilen üpjün edilmegine, operatiw-resminamalaýyn gözegçiligi amala aşyrmagy;
- önümçilik kuwwatlyklarynyň ulanylyşyny seljermegi, päsgelçilikleri kesgitlemegi, olary ýok etmek baradaky esaslandyrylan teklipleri taýýarlamagy;
- buhgalterçilik hasabatynda, analizde we auditde, innowasiýa taslamalary we çözgütleri ösdürmek barada maglumatlary gözlemegi, tertiplemegi we seljermegi;
- buhgalterçilik hasabatynda, analizde we auditde innowasiýalaryň maksatlaryny we olara ýetmekligi kesgitlemegi;
- buhgalterçilik hasabatynda, analizde we auditde bäsdeşlige ukyplylygy we ykdysady işjeňligi bahalandyrmagy, innowasiýalary durmuşa geçirmegiň işjeňliliginiň analiz usullaryny ulanmagy;
- degişli kanunçylyk namalary bilen işlemegi, ýygnalan maglumatlary derňemegi we baha bermegi;
- kanunçylyk namalarynyň talaplaryna laýyklykda buhgalterçilik hasabatynda ýöredilýän resminamalary doldurmak boýunça maslahatlary bermegi;
- kärhananyň ykdysady işleriniň maliýe we toplumlaýyn analizi barada maslahatlary bermegi;
- degişli guramalar bilen hasaplaşyklary amala aşyrmagy, kärhananyň maliýe serişdeleriniň hereketi barada buhgalter we analitiki resminamalary ýöretmegi we tertipleşdirmegi;
- hojalyk işiniň maliýe çeşmelerini emele getirmegi we olaryň ulanylyşyna gözegçilik etmegi;
- kärhananyň maliýe meýilnamasyny we garaşylýan netijelerini çaklamagy;
- maýa goýum meýilnamalaryny düzmegi;
- maliýe analizini geçirmegi;
- esasy we dolanyşyk serişdeleriniň işleýşini gözegçilik etmegi;
- maliýeleşdirilýän çeşmeleriň zerurlygyny we saýlawyny esaslandyrmagy.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu taýýarlyk ugry boýunça bakalawrlary halk hojalygynyň talaplaryna laýyklykda taýýarlaýan we terbiýeleýän

ýokary okuw mekdepler hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidirler.

Kär häsiýetnamasy kärhanalaryň, bilim we hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamalaryny düzmekde esasnama, şeýle hem iş ýazgysy hökmünde hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň, tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylalaşmaklary esasynda girizilmelidir.